Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň
2023-nji ýylyň 4-nji iýulyndaky 87-iş belgili

**B U Ý R U G Y**

**Durmuş hyzmatlarynyň anyk görnüşleri üçin hil standartlary, olaryň hil standartlaryny ulanmak boýunça Usuly görkezmeleri tassyklamak hakynda**

2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen “Durmuş hyzmatlary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 19-njy maddasynyň 2-nji böleginiň talaplaryny ýerine ýetirmek maksady bilen, **buýurýaryn:**

1. Durmuş hyzmatlarynyň anyk görnüşleri üçin hil standartlary, olaryň hil standartlaryny ulanmak boýunça Usuly görkezmeleri tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň orunbasary H.Taçjanowa gözegçilik etmeli.

**Ministr** **M.Sylapow**

**Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2023-nji ýylyň 4-nji iýulynda çykaran 87-iş belgili buýrugy bilen tassyklandy**

# Durmuş hyzmatlarynyň anyk görnüşleri üçin hil standartlary, olaryň hil standartlaryny ulanmak boýunça Usuly görkezmeleri

## I bap. Umumy düzgünler

1. Şu Durmuş hyzmatlarynyň anyk görnüşleri üçin hil standartlary, olaryň hil standartlaryny ulanmak boýunça usuly görkezmeleri (mundan beýläk – Usuly görkezmeler) 2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen “Durmuş hyzmatlary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 19-njy maddasynyň ikinji bölegine laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we durmuş hyzmatlary bilen üpjün edijiler (mundan beýläk – Üpjün edijiler) tarapyndan durmuş hyzmatlarynyň anyk görnüşleri üçin hil standartlaryny (mundan beýläk – Hil standartlary) we olary ulanmagyň usuly görkezmelerini kesgitleýär.

2. Şu Usuly görkezmelerde “Durmuş hyzmatlary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan düşünjeler ulanylýar.

3. Hil standartlary ähli Üpjün edijiler üçin hökmany bolup durýar.

4. Usuly görkezmeleri şulary öz içine alýar:

1) durmuş hyzmatlarynyň guralmagyny we dolandyrylmagyny;

2) durmuş işgärleriniň we durmuş işi boýunça hünärmenleriň (mundan beýläk - hünärmen) hünär derejelerini;

3) edilýän durmuş hyzmatlarynyň, kyn durmuş ýagdaýlarynda bolan we durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýlip ykrar edilen we özüne durmuş hyzmatlary edilýän adam (mundan beýläk –peýdalanyjy) üçin gazanylan netijeleri hasaba almak bilen netijeliligini.

## II bap. Durmuş hyzmatlarynyň anyk görnüşleriniň hilini kesgitleýän esasy görkezijiler

5. Üpjün edijiler tarapyndan peýdalanyjylara edilýän durmuş hyzmatlarynyň hilini kesgitleýän görkezijiler şu aşakdakylardan ybarat:

1) Üpjün edijiler tarapyndan edilýän durmuş hyzmatlarynyň hili Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2022-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda 1649 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministriniň 2022-nji ýylyň 19-njy awgustynda çykaran 71-iş belgili buýrugy bilen tassyklanan, Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibiniň (mundan beýläk - Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibi) talaplaryna laýyk gelmegi;

2) Üpjün edijileriň hyzmatlarynyň elýeterliligi;

3) Üpjün edijileriň hünärmenler, durmuş işgärleri we ýörite bilimli beýleki hünärmenler bilen üpjün edilmegi;

4) Üpjün edijilerde durmuş hyzmatlarynyň edilmeginiň tertibi, hyzmatlaryň nyrhlary, olary tölemegiň we tölegsiz peýdalanmagyň şertleri, şeýle hem düzgünleri baradaky maglumatlaryň elýeterliligi;

5) durmuş hyzmatlary edilende peýdalanyjylaryň hukuklarynyň berjaý edilmegi.

6. Adamlaryň aýratyn toparlarynyň durmuş hyzmatlaryna elýeterliligini üpjün etmek şeýle hem, zerurlyklaryny kanagatlandyrmak maksady bilen, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde durmuş taýdan hyzmat edýän edaralary döredilip bilner.

7. Üpjün edijileriň işinde peýdalanýan tertiplerinde, gollanmalarynda, gözükdirijilerinde durmuş hyzmatlarynyň edilmegini guramagyň düzgünleri, hyzmatlary etmegiň usullary we gözegçiligi, edilýän durmuş hyzmatlarynyň hiline peýdalanyjylar tarapyndan şikaýat etmegiň tertibi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda göz öňünde tutulmalydyr.

8. Üpjün edijiler hojalyk hyzmatlary üçin serişdeler şeýle-de telefon, elektron aragatnaşygy, ýörite we beýleki zerur bolan enjamlar, gurallar bilen üpjün edilmelidir, şeýle hem sanitariýa-gigiýena kadalaryny, ýangyn howpsuzlygynyň düzgünlerini, gurluşyk kadalaryny, zähmet-tehniki howpsuzlygynyň talaplaryny kanagatlandyrmalydyr.

9. Üpjün edijileriň işi peýdalanyjynyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň we durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar etmegiň netijesinde, onuň isleglerini doly kanagatlandyrmaga, durmuş hyzmatlarynyň hilini yzygiderli ýokarlandyrmaga we kyn durmuş ýagdaýyna düşen adamlary durmuş taýdan uýgunlaşdyrmaga gönükdirilmelidir.

## III bap. Üpjün edijileriň işgärler bilen üpjün edilmegi

10. Üpjün edijiler işgärleriniň wezipä bildirilýän talaplaryna we wezipe borçlary baradaky wezipe gözükdirijilerine laýyklykda degişli hünärmenler bilen üpjün edilmelidir.

11. Her bir hünärmeniň wezipe gözükdirmesinde görkezilen talaplara laýyk gelmegi we degişli biliminiň şeýle hem hünär derejesiniň bolmagy hökmanydyr.

12. Üpjün ediji Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde durmuş işgärleriniň we durmuş işi boýunça hünärmenleriň hünär taýýarlygyny, gaýtadan taýýarlygyny we hüнäriniň ýokarlandyrylmagyny üpjün etmelidir.

13. Durmuş hyzmatlary edilende Üpjün edijileriň hünärmenleri we beýleki işgärleri peýdalanyja duýgudaşlyk, sypaýylyk, ünslilik, sabyrlylyk, hoşniýetlilik, ynsanperwerlik görkezmek bilen, olaryň fiziki, psihiki ýagdaýyny, şeýle-de pikirlerini we isleglerini nazara almalydyrlar.

14. Hünärmenler we beýleki işgärler peýdalanyjynyň şahsy durmuşyna, at-abraýyna, mertebesine, şahsy eldegrilmesizligine hormat goýmaga we olar barada özüne mälim bolan maglumatlaryň ýaşyrynlyk häsiýetini saklamaga borçludyr, şu

talaplar ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

## IV bap. Peýdalanyja durmuş hyzmatlarynyň edilmeginiň tertibi we düzgünleri barada maglumatlaryň berilmegi

15. Üpjün ediji "Durmuş hyzmatlary hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 21-nji maddasynyň 5-nji bendine laýyklykda peýdalanyja özi barada maglumat bermelidir.

16. Üpjün ediji ilata öz ýerleşýän ýeri, hödürlenýän durmuş hyzmatlaryň görnüşleri barada maglumat bermeli we olaryň ähli adamlar üçin elýeterliligini üpjün etmelidir.

17. Durmuş hyzmatlarynyň edilmegine mätäç diýip ykrar edilen adam Üpjün edijiden şular barada maglumat almaga hukugy bardyr:

1) hödürlenilýän durmuş hyzmatlarynyň sanawy;
2) öz hukuklaryny we borçlary;
3) durmuş hyzmatlaryny etmegiň möhleti;
4) durmuş hyzmatlaryny etmegiň tertibi we şertleri;
5) durmuş hyzmatlarynyň nyrhlary;
6) hyzmatlardan tölegsiz peýdalanmak mümkinçiligi;
7) durmuş hyzmatlarynyň edilýän her tapgyryna gatnaşdyrylmagy;
8) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda gaýry hukuklar.

18. Üpjün edijiniň bikanun hereketleri netijesinde peýdalanyjynyň ömrüne, saglygyna ýa-da emlägine zeper (zyýan) ýetirilen ýagdaýynda, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Üpjün ediji ýetirilen zeperiň (zyýanyň) öwezini doldurmaga borçludyr.

## V bap. Üpjün edijileriň işine gözegçilik ulgamy

19. Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, Türkmenistanyň Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak ministrligi (mundan beýläk – Ygtyýarly edara), Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Bilim ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, ýerine ýetiriji häkimiýetiň beýleki merkezi edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde durmuş hyzmatlary çygrynda döwlet düzgünleşdirmesini we gözegçiligi amala aşyrýan edaralar bolup durýarlar.

20. Ygtyýarly edara tarapyndan gözegçilik öz içine meýilnamalaşdyrmak, peýdalanyjy bilen işlemek, gözegçilik netijelerini hasaba almak, ýüze çykarylan kemçilikleri ýok etmek boýunça çäreleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek tapgyrlaryny almalydyr.

21. Üpjün edijileriň durmuş hyzmatlary çygryndaky işiniň hili, adamyň şahsy zerurlyklaryna baha bermegiň netijesinde ýüze çykarylan zerurlyklarynyň doly kanagatlandyrylmagyna, durmuş hyzmatlarynyň hiliniň yzygiderli ýokarlandyrylmagyna we kyn durmuş ýagdaýyna düşen adamlaryň durmuş taýdan uýgunlaşmagyna we dikeldilmegine gönükdirilmelidir.

22. Üpjün edijiniň ýolbaşçysy edilýän durmuş hyzmatlarynyň howpsuzlygy we hili, hünärmenleriniň hünär borçlarynyň dogry ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärdir, şeýle hem işgärlerine durmuş hyzmatlarynyň edilmegi bilen bagly hünär borçlarynyň degişli ýerine ýetirilmegi we hil görkezijileriň berjaý edilmegi bilen bagly jogapkärçilikleri barada düşündiriş işlerini geçirmäge borçlydyr. Durmuş hyzmatlary bellenilen talaplara laýyklykda doly göwrümde ýerine ýetirilmelidir.

23. Peýdalanyjy, onuň maşgala agzalary, şeýle-de kanuny wekilleri tarapyndan şikaýat edilmeginiň we olara seretmegiň tertibi “Administratiw önümçilik hakynda” Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda alnyp barylmalydyr.

24. Durmuş hyzmatlary çygrynda hökmany talaplaryň berjaý edilmegine döwlet gözegçiligi 2021-nji ýylyň 18-nji dekabrynda kabul edilen “Durmuş hyzmatlary hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň 20-nji maddasyna laýyklykda Ygtyýarly edara tarapyndan amala aşyrylýar.

## VI bap. Durmuş hyzmatlarynyň görnüşleriniň hil standartlary

### §1. Sosial-durmuş hyzmatlarynyň hil standartlary

25. Edilýän sosial-durmuş hyzmatlarynyň hil görkezijisi, peýdalanyjynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini goldamaga, doly derejede jemgyýetiň durmuşyna goşulmagyna ýa-da durmuş taýdan dikeldilmegine (integrasiýasyna) gönükdirilmelidir.

26. Üpjün edijileriň peýdalanyjylar tarapyndan ulanylýan jaýlary ähli görkezijiler (ýaşaýyş jaýlarynyň abatlygy (otaglar), mebeller, lukmançylyk, bedenterbiýe we saglyk üçin otaglar, zähmeti guramak we ussahanalar bolmaly) boýunça amatly bolmalydyr we häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmelidir, şeýle hem peýdalanyjylar ýaşaýyş jaýlaryna (otaglaryna) ýerleşdirilende olaryň fiziki we psihiki ýagdaýlary, şahsy häsiýetleri göz öňünde tutulmalydyr.

27. Üpjün edijileriň peýdalanyjylar tarapyndan ulanylýan jaýlarynda durmuş taýdan dikeltmek, medeni-dynç alyş, sagaldyş-zähmet çärelerini geçirmek üçin mümkinçilikler döredilmelidir we olar peýdalanyjylaryň isleglerine we mümkinçiliklerine laýyk gelmelidir.

28. Üpjün edijileriň edara binasynyň çägi ideg edilen, daşy gorag haýaty bilen aýlanan, agaçlar we güller ekilen bolmalydyr.

29. Durmuş taýdan hyzmat edýän edaralarda hödürlenilýän iýmitleriň hil standartlary:

1) iýmit, şol sanda bejeriş iýmiti bolmaly;

2) ýokary hilli önümlerden taýýarlanyp, ýokumlylygy we tagam aýratynlyklary boýunça peýdalanyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmaly;

3) peýdalanyjylaryň iýmitleniş kadalaryna, sanitariýa we olaryň saglyk ýagdaýyna laýyk gelmeli;

4) durmuş taýdan hyzmat etmegiň formalary boýunça durmuş hyzmatlaryny peýdalanyjylaryň iýmitiniň maslahat berilýän kadalarynyna laýyklykda täze, sagdyn, deňagramly we dürli-dürli bolmaly.

30. Peýdalanyjylara naharlanmak üçin berilýän wagt iýip-içmek üçin ýeterlik bolmalydyr.

31. Peýdalanyjylara hödürlenýän otag, eşikler, aýakgaplar, ýorgan-düşekler, içki geýimler rahatlygy bilen olaryň jynsyna, ölçeglerine şeýle hem şahsy arassaçylyk önümleri gigiýena talaplara laýyk gelmelidir.

32. Peýdalanyjylar tarapyndan alnan protezler, protez we ortopediki önümleriniň we eşidiş esbaplarynyň hili standarta laýyk gelip, ygtybarly we ulanmak üçin amatly bolmalydyr.

33. Ýyladyş, sowadyş we suw üpjünçiligi, şeýle hem ýaşaýyş jaýlarynyň abatlygy we arassaçylygy peýdalanyjylaryň isleglerini we talaplaryny kanagatlandyrmalydyr.

34. Peýdalanyjylara dini ybadatlary ýerine ýetirmek üçin şertler döredilmelidir. Dini däp-dessurlary erkin ýerine ýetirmek hukugynyň bozulmagyna ýol berilmeli däldir.

35. Sosial-durmuş hyzmatlaryny peýdalanyjylara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde iýmit, arassaçylyk we gigiýena önümleri, egin-eşik, aýakgap, ýorgan-düşek, şeýle hem maýyplygy bolan we özüne hyzmat etmek we (ýa-da) hereket etmek ukybynyň çäklidigi sebäpli esasy durmuş isleglerini özbaşdak kanagatlandyrmaga mümkinçiliklerini kem-käsleýin ýa-da doly ýitirendikleri bilen baglanyşykly kesekiniň kömegine mätäç adamlary dikeltmek üçin degişli serişdeler bilen üpjün etmek boýunça degişli işleri geçirýär.

36. Peýdalanyjylaryň saglyk ýagdaýyny göz öňünde tutup, öýüne eltip berilýän önümler ýokary hilli, sanitariýa we gigiýena talaplaryna laýyk gelip, olaryň isleglerini kanagatlandyrmalydyr.

## §2. Sosial-saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hil standartlary

37. Saglygy goraýyş kömegi görnüşinde edilýän sosial-saglygy goraýyş hyzmatlarynyň hili peýdalanyjylaryň saglygyny gorap saklamagy, saglygy gowulandyrmak çärelerini amala aşyrmaga goldaw bermegi, olaryň saglyk ýagdaýynyň bozulmalaryny ir ýüze çykarmak üçin oňa yzygiderli gözegçiligi üpjün etmelidir.

38. Peýdalanyjylaryň saglyk ýagdaýyny göz öňünde tutup, sosial-saglygy goraýyş hyzmatyny etmek, olara gözegçilik etmegi (islendik wagtda kömek etmäge taýýar bolmagy), saglygy goraýyş hyzmatlaryny ýerine ýetirmegi, lukmanlaryň maslahatyna laýyklykda dermanlar we lukmançylyk enjamlar bilen üpjün etmegi, başga biriniň kömegine mätäç bolan peýdalanyjylara hereket etmegi üçin kömek bermegi hem içine almalydyr.

39. Peýdalanyjylaryň saglygyny goramak we goldamak maksady bilen, geçirilýän anyklaýyş bejeriş hem-de olaryň saglygyny gorap saklamak bilen baglanyşykly beýleki çäreleri bellenilen düzgünlere laýyklykda amala aşyrylmalydyr we olaryň saglygyna zeper (zyýan) ýetirmeli däldir.

40. Ýitileşen dowamly ýokanç keselleri ýüze çykarmak we öňüni almak peýdalanyjylaryň fiziki we psihiki ýagdaýyny, keseliniň häsiýetini, lukmançylyk

görkezijilerini göz öňünde tutup, olaryň zerur bolan saglygy goraýyş hyzmatlaryny wagtynda we zerur bolan möçberde almagyny üpjün etmelidir.

41. Peýdalanyjylaryň saglyk ýagdaýyny kesgitlemek we kesellerini ir ýüze çykarmak, keselleriň agyrlaşmagynyň, dowamly kesellerden, funksional bozulmalardan ejir çekmeleriň öňüni almak maksady bilen, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş edaralarynda öňüni alyş çärelerini we gözegçilige alynmagyny, olara wagtynda ýüz tutmagyny, saglygyny bejertmegini we öýlerine dolanmagyny üpjün etmelidir.

## §3. Sosial-psihologik hyzmatlarynyň hil standartlary

42. Peýdalanyjylara edilýän sosial-psihologik hyzmatlaryň hili olaryň psihologik meselelerini çözmek üçin hyzmatlary, şol sanda "ynam telefony" ulanmak arkaly, durmuşa uýgunlaşmak we psihiki ýagdaýyny dikeltmek bilen, durmuşynyň kadaly şertlerini yzygiderli saklamagyny göz öňünde tutmalydyr.

43. Psihologik maslahat bermek peýdalanyjydan ýa-da onuň kanuny wekilinden alnan maglumatlar esasynda, şeýle hem ýüze çykýan psihologik meseleleri ara alyp maslahatlaşmak arkaly ýardam bermek, peýdalanyjyda bar bolan mümkinçilikleri ýüze çykarmak we jemlemek bilen amala aşyrylmalydyr.

44. Peýdalanyjylara gaýragoýulmasyz psihologik kömek bermek maşgaladaky psihologik hyzmaty alyjynyň durmuşynda dartgynlylygy, esasan hem çagalara ýaramaz täsir edýän ýagdaýlary sebäpli maşgala agzalarynyň kyn durmuş ýagdaýyny ýeňip geçmeklerine we bu meseleleriň netijeli çözülmegine ýardam etmelidir.

45. Peýdalanyjylaryň garyndaşlaryna, şol sanda maşgalada agyr keselli, gartaşan, maýyplygy bolan adamlara edilýän gaýragoýulmasyz psihologik hyzmaty Peýdalanyjynyň saglygyna we psihiki şahsy ösüşine ýaramaz täsir edýän dartgynly ýagdaýyny ýeňip geçmäge kömek etmelidir, esasan hem maýyplygy bolan adamlaryň we çagalaryň näsag maşgala agzalarynyň durmuşynyň üýtgeýän şertlerine laýyklykda uýgunlaşmak üçin goldaw bermelidir.

46. Peýdalanyjylara geçirilýän psihologik anyklaýyş işi olaryň psihologik ýagdaýyny we şahsy aýratynlyklaryny anyklamaga gönükdirilip, onuň daş töweregindäki adamlar bilen gatnaşyklarynyň we özüni alyp barşynda bozulmalaryň ýüze çykmagynyň öňüni almaga we zerur bolan ýagdaýynda "ynam telefony" ulanyp, atsyz (anonim) ýagdaýda psihologik hyzmatyň edilmegi boýunça çaklamalary düzmegi we teklipleri taýýarlamagy üpjün etmelidir.

47. Peýdalanyjylaryň ýaş aýratynlyklaryna we durmuş gurşawynyň talaplaryna laýyklykda berilýän sosial-psihologik hyzmatlar olaryň ösüşinde, göwniçökgin ýagdaýynda we özüni alyp barşynda ýüze çykýan bozulmalary ýeňip geçmäge gönükdirilen psihologik çäreler görkezilen bozulmalaryň düzedilmegini (göwniçökgin ýagdaýyň ýaramaz täsiri we şahsyýetleriň özüni alyp barşynyň stereotipleri, ata-eneler bilen çagalaryň arasyndaky gapma-garşylykly gatnaşyklar, çagalarda aragatnaşygyň bozulmagy ýa-da psihiki ösüşindäki ýoýulmalar) üpjün etmelidir.

## §4. Sosial-pedagogik hyzmatlarynyň hil standartlary

48. Peýdalanyjylara edilýän sosial-pedagogiki hyzmatlaryň hili olaryň özüni alyp barşynda we şahsy ösüşinde bozulmalaryň öňüni almagy, peýdaly gyzyklanmalarynyň döremegini (şol sanda medeni-dynç alyş pudagynda) medeni dynç alşyny guramagy, çagalara terbiýe we bilim bermekde maşgala kömek bermegi üpjün etmelidir.

49. Peýdalanyja netijeli pedagogiki, terbiýeçilik we düzediş kömegini bermek şahsyýetiň (uly ýaşly ýa-da çaga) hakyky ýagdaýy hemmetaraplaýyn öwrenilip, häzirki zaman pedagogiki usullaryny, synaglaryny ulanyp berilmelidir.

50. Üpjün edijilerde ýatymlaýyn bolýan peýdalanyjylary işe höweslendirmek we iş ukybyny artdyrmak boýunça çäreleri durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly berilýän sosial-pedagogiki hyzmatlar olaryň saglyk ýagdaýlaryny göz öňünde tutup, zähmetiň dürli görnüşlerine çekmäge mümkinçilik berýän degişli şertleriň döredilmegini üpjün etmelidir.

51. Maýyplygy bolan adamlara, şol sanda maýyplygy bolan çagalara fiziki mümkinçiliklerine we akyl ukyplaryna laýyklykda bilim almakda goldaw bermek bilen baglanyşykly sosial-pedagogiki hyzmatlar olaryň gowy bilim almaklaryna, okuwlarynyň üstünlikli we netijeli geçirilmegine, mekdepden daşary goşmaça bilimi, hünär biliminiň maksatnamalaryna laýyklykda bilim derejelerini başgalar bilen deň derejede almagyna ýardam bermelidir.

52. Peýdalanyjylar üçin düzülen Durmuş hyzmatlaryny etmegiň Tertibiniň 3-nji goşundysynda görkezilen görnüşdäki aýratyn meýilnamada göz öňünde tutulan hünär taýdan dikeldilmegine gönükdirilen çäreler, olaryň hünär derejeleriniň mümkinçiliklerine laýyklykda ýokary derejede bolmagyna we täze hünärleriň ele alynmagyna goldaw bermelidir.

53. Dynç alşy guramakda göz öňünde tutulan çäreler peýdalanyjylaryň (ulular we çagalar) durmuş-medeni we ruhy zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga, umumy dünýägaraýyşlaryny, adamlar bilen gatnaşyklaryny giňeltmäge, olaryň döredijilik işjeňligini ýokarlandyrmaga we dürli medeni-dynç alyş we sport çärelere gatnaşmaklaryna höweslendirmäge gönükdirilmelidir.

## §5. Sosial-zähmet hyzmatlarynyň hil standartlary

54. Sosial-zähmet hyzmatlarynyň hili, peýdalanyjylaryň öz tagallalaryny işjeňleşdirmek, ýüze çykýan meselelerini özbaşdak çözmek üçin şertleri döretmekde ýardam bermegi üpjün etmelidir.

55. Sosial-zähmet durmuş hyzmatlary, peýdalanyjylaryň öýde ýa-da iş ýerlerinde zähmet işjeňligini, ukyplylygyny, endiklerini ýokarlandyrmaga gönükdirilip, şahsy zerurlyklaryny özbaşdak üpjün etmekleri üçin olaryň mümkinçiliklerini giňeltmekden ybaratdyr.

56. Sosial-zähmet durmuş hyzmatlary peýdalanyjylary işe ýerleşmek hem-de zähmete uýgunlaşmagy bilen baglanyşykly hyzmatlary bermek bilen beýleki meseleleri çözmeklige gönükdirilmelidir.

### §6. Sosial-hukuk hyzmatlarynyň hil standartlary

57. Peýdalanyjylara edilýän sosial-hukuk hyzmatlarynyň hili, peýdalanyjylaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakda hukuk kömegini almaklaryna ýardam berýän professional ýuridik kömegini bermegi üpjün etmelidir.

58. Sosial-hukuk hyzmatlarynyň peýdalanyjylaryň kanuny bähbitlerini we azatlyklaryny goramaga, olaryň hukuklarynyň berjaý edilmegine we pugtalandyrylmagyna ýardam bermäge we beýleki durmuş meselelerini çözmäge gönükdirilmelidir.

59. Adwokatyň berýän ýuridik kömegi “Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda amala aşyrylýär.

60. 2010-njy ýylyň 10-njy maýynda kabul edilen “Türkmenistanda adwokatura we adwokatlyk işi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynda bellenen tertipde adamlaryň aýratyn toparlaryna olaryň durmuş taýdan goldanmagyna bolan hukuklary bilen baglanyşykly meseleler boýunça ýuridik kömegi tölegsiz berilmelidir.

## VII bap. Jemleýji düzgünler

61. Şu Usuly görkezmeleri bilen düzgünleşdirilmedik gatnaşyklar Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen düzgünleşdirilýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2023-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda 1736 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.